***Ýakynda geçirilen barlaglara görä, synagdan geçirilen ähli dodak boýagy markalarynda we reňklerinde kadmiý maddasy anyklandy. Bu diňe birnäçe önümde däl, eýsem, barlananlaryň ählisinde bar.***

*Kadmiý näme we ol näme üçin howply?*

Kadmiý — reňkiň has açyk we dodakda uzak wagtlap saklanmagyny üpjün etmek üçin ulanylýan zäherli agyr metaldyr. Bu metall bedenden çykarylmaýar we wagtyň geçmegi bilen dokumalarda ýygnanýar. Dodak boýaglary bolsa her gün dodak arkaly sorulýar ýa-da iýmit bilen bilelikde ýuwdulýar.

Kadmiý maddasyna yzygiderli sezewar bolmak aşakdaky saglyk meselelerine sebäp bolup biler:

* Böwrek we öýken zeperlenmeleri;

* Süňkleriň gowşamagy;

* Nerw we gormonal ulgamynyň bozulmalary;

* Düwnük (rak) keseliniň döreme howpunyň artmagy.

**Ýatda saklaň**: Gözellik saglygyňyzyň öwezine bolmaly däldir!

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены